***Ýakynda Birleşen Arap Emirlikleriniň Abu-Dabi şäherinde kikboks boýunça geçirilen dünýä çempionatynda ildeşlerimiziň ikisi hormat münberiniň iň ýokarky, biri bolsa üçünji basgançagyna çykdy. Şeýlelikde, 84 ýurtdan 1600-den gowrak türgeni özünde jemlän ýaryşdan iki türgenimiz dünýäniň çempiony bolup dolanyp geldi.***

Dünýä çempiony bolan ildeşlerimiziň uly hataryna Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň «Türkmensöwdahyzmat» döwlet kärhanasynyň hünärmeni Pygy Sylabow bilen Içeri işler ministrliginiň Mälikguly Berdimuhamedow adyndaky 1001-nji harby bölüminiň çagyryş boýunça harby gullukçysy Atajan Atamyradow hem goşuldy. Paýtagtymyzdaky «Gülüstan» söwda merkezinde zähmet çekýän ýene bir başarjaň türgenimiz Toýlymyrat Ýegeleýew bolsa dünýä çempionatynda bürünç medala eýe bolmagy başardy.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026